# Bu syrly älemde…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bu syrly älemde… BU SYRLY ÄLEMDE…

Bu syrly älemde azdyr aýdyñ zat,
Ony açmak üçin ylgar adamzat.
Dünýäñ ähli zady: ysy, reñki…
Seniñki, eý, Tañrym, bary seniñki.

Tokaýlar, sähralar, çöller hem düzler,
Ummanlar, çeşmeler, derýa-deñizler.
Depeler, baýyrlar, gojaman daglar,
Miweli, miwesiz owadan baglar.

Zer däneli, akly-garaly toprak,
Ömüri ömrüme çalymdaş ýaprak.
Uç-gyraksyz asman, Aýy-ýyldyz, Gün-de,
Ýeriñ hyzmatçysy, hossary men-de.

Seniñki, seniñki bu aýdýan sözüm,
Uzagy-ýakyny saýgarýan gözüm.
Elbetde, seniñki görküm hem durkum,
Seniñ hökümiñe baglydyr erkim.

Barlyk saña bendi, ädimiñ – döwür,
«O dünýäñ – bu dünýäñ» – ikisem ömür,
Menzil-mekanyñy çekip alnyma,
Hökümdarsyñ gursakdaky kalbyma.

Owazyñ gaýtalar ýüregmiñ sesi,
Eý, Tañrym, bu zatlañ sensiñ eýesi.
Seniñki, bu zatlañ bary seniñki,
Tañrym, saña hakdan gulluk meniñki!

Durdy DURDYÝEW. Goşgular